Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 2. Atlaryň ýöňkeme bilen üýtgeýişleri

**32-nji gönükme.** Atlary okaň we olaryň soňuna goşulan goşulmalary,ol goşulmalaryň nämäniň goşulmasydygyny aýdyň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Kakam | bagym | gülüm | guşum | ýegenim |
| 2.Kakaň | bagyň | gülüň | guşuň | ýegeniň |
| 3.Kakasy | bagy | güli | guşy | ýegeni |
| 1.kakamyz | bagymyz | gülümiz | guşum | ýegenim |
| 2.Kakaňyz | bagyň | gülüňiz | guşuňyz | ýegeniňiz |
| 3.kakasy | bagy | güli | guşy | ýegeni |

Atlar belli bir ýöňkemede gelip, bir adama, zada degişliligi aňladýarlar.

Meselem:

*galamym, galamyň, galamy,*

*galamymyz, galamyňyz, galamy.*

Atlar menlik, senlik, onluk ýöňkemeleriniň birlik we köplük sanynda ulanylýarlar. Her ýöňkemäniň öz goşulmasy bar.

Atlaryň ýöňkeme goşulmalary

| | Birligi: | Köplügi: |
|---|---|---|
| Menlik | -ym, -im,<br>-um, -üm, -m. | -ymyz, -imiz, -umyz,<br>-ümiz, -myz, -miz. |
| Senlik | -yň, -iň,<br>-uň, -üň, -ň. | -yňyz, -iňiz, -uňyz,<br>-üniz, -ňyz, -ňiz. |
| Onluk | -y, -i, -sy, -si. | -y, -i, -sy, -si. |

Turkmentr.com

**33-nji gönükme.** Aşakdaky atlary göçüreniňizde, olaryň soňuna goşulan goşulmalaryň arasyna kese çyzyjyk goýup ýazyň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Daýym | narym | elim | oýüm | goşum |
| 2.Daýyň | naryň | elin | oýuüň | goşuň |
| 3.Daýysy | nary | eli | öýi | goşy |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Daýymyz | narymyz | elimiz | öýümiz | goşumyz |
| 2.Daýyňyz | naryňyz | eliňiz | öýüňiz | goşuňyz |
| 3.Daýysy | nary | eli | öýi | goşy |

Nusga: *daýy-m, nar-ym, el-im, oý-um, gos-um*

Ýokarky atlaryň soňuna goşulan goşulmalara nämäniň goşulmalary diýilýändigini aýdyň.

**34-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Kitap, galam, depder, dogan, jigi, ene. Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| 1. *Kitabym.* | *Kitabymyz.* |
| 2.*Kitabyň.* | *Kitabyňyz.* |
| *3.Kitaby.* | *Kitaby.* |

* * *

**35-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň we has gara ýazylan sözlere haýsy ýoňkemaniň gosulmasynyň gosulandygyny aýdyň.

1. Meniň **doganym** obada işleýär.

2. Seniň **depderiň** öziňdemi?

Turkmenkultr.com

3. Durdynyň **kakasy** zawodda isleýär.

4. Biziň **obamyz** birinji orunda durýar.

5. Men siziň **obaňyza** gezmäge gitjek.

6. Olaryň **gölesi** ýabyň boýunda otlap ýör.

*orun*

**36-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we menlik ýöňkemede gelen atlary, olaryň haýsysynyň birlik, haýsysynyň köplükdigini aýdyň.

1. Biziň mekdebimiz üç gat jaý. Mekdebimiz obanyň merkezinde. Mekdebimizde gowy medeni öý we oňat ussahana bar. Medeni öý aşaky gatda ýerleşýär. Ussahanamyzda her hili senetler bar.

2. Meniň ýelsepidim bar. Maňa ony kakam alyp berdi. Men ýelsepidimi oňat saklaýaryn.

3. Biziň daýhan birleşigimiz täze medeniýet öýüni gurdurdy. Dayhanlar medeniýet öýünde dynç alýarlar.

4. Doganym daýhan birleşiginiň maşynyny sürýär. Ejem bolsa daýhan birleşigimizde sagymçy bolup işleýär.

*Senet* sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

**37-nji gönükme.** Aşakdaky soraglary göçüriň, olara jogap ýazyň. Menlik ýöňkeme daki atlaryň aşagyna iki çyzyk, senlik ýöňkeme daki atlaryň aşagyna bir çyzyk çyzyň.

1. Seniň okuw kitaplaryň barmy?

2. Seniň depderleriň ýeterlikmi?

3. Siziň obaňyz şu ýerden uzakdamy?

4. Siziň daýhan birleşigiňiz pagta ekýärmi?

N u s g a : Seniň gerekli kitaplaryň barmy? Meniň gerekli kitaplarym bar.

Aşagyny çyzan atlaryňyza goşulan ýöňkeme goşulmalarynyň haýsysynyň birlik sanyň, haýsysynyň köplük sanyň goşulmasydygyny aýdyň.

Turkmenkultr.com